# Gul aga

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gul aga GUL AGA



Kim bolarsyñ, küşgürerçe itiñi,
Basym gitgin, aýyrmankam çatyñy.
Ýoluşdyryn sakgalyñy-murtuñy,
Herrelme-de, hetdiñ tana, Gul aga.
Sesiñ jyññyldawuk, diliñ jürküldi,
Garnyña münemde, boldy hyrkyldy,
Bezzatlykdan sakgal-murtuñ gyrkyldy,
Herrelme-de, hetdiñ tana, Gul aga.

Ölçelip berilýär iýjek zagarañ,
Iliñe musallat, dawa-dabarañ,
Ýaragym hyşadyr gelse neberäñ,
Herrelme-de, hetdiñ tana, Gul aga.

Çakyñ tana, ala köpek çekelär,
Ussa Käsip bokurdagyñ owkalar,
Indi menden garyndaşlañ öýkelär,
Herrelme-de, hetdiñ tana, Gul aga.

Ussa KÄSIP. Goşgular